# Hezreti pygamberimize söýgi beslän rus beýikleri

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Romanlar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hezreti pygamberimize söýgi beslän rus beýikleri HEZRETI PYGAMBERIMIZE SÖÝGI BESLÄN RUS BEÝIKLERI




*Iki läheň iň ajaýyp şygyrlaryny we proza eserlerini pygamberiň hem-de yslamyň aşygy bolup ýazdylar. Ikisi-de Kurany-Kerimiň aýatlarynda we sürelerinde çäksiz huzur tapdylar.*

Edebiýat dünýäsinde, esasanam Russiýada Aleksandr Puşkini poeziýanyň atasy we şasy, Lew Tolstoýy bolsa romanyň rysary we ussady hasaplaýan umumy pikir bar.

Puşkini epiki eseri «Ýewgeniý Onegin», Tolstoý bolsa romanlaryň naýbaşysy «Uruş we parahatçylyk» bilen tanalýar.

Iki läheň iň ajaýyp şygyrlaryny we proza eserlerini pygamberiň hem-de yslamyň aşygy bolup ýazdylar. Ikisi-de Kurany-Kerimiň aýatlarynda we sürelerinde çäksiz huzur tapdylar: «Kurandan täsirlenmeler» şygrynda Puşkin we «Hezreti Muhammet» traktatynda Tolstoý…

Puşkin «Pygamber» şygrynda şeýle ýazdy:

*«Tur, pygamber, bak, gulak goý, oýlanyp,*
*Meň erkime boýun synyp gez hemem*
*Deňizleri, ähli ýeri aýlanyp,*
*Iliň ýüregini ýylat söz bilen».*
*(Şygryň terjimesi Atamyrat Atabaýewiňki).*

**Asyl nusgasynda:**

«Восстань, пророк, и виждь, и внемли,
Исполнись волею моей,
И, обходя моря и земли,
Глаголом жги сердца людей».

Afrikaly musulman Ybraýym Banipalyñ agtygy bolan şahyr yslama iman getirendigine şek-şübhe goýmaýar.
Meşhur edebiýat tankytçysy Belinskiý «Puşkiniñ poeziýasynyñ täji deýin lowurdaýan almazdygyny» aýdyp, bu goşga şeýle uly baha berýär.
«Pygamber» şygryndan bir parça:

*«Ruhy hasrata ýolugyp, teşne*
*Ýatyrkam bir alasarmyk ahwalda,*
*Geldi alty ganatly bir perişde*
*Ýowuz çöl içinde meniñ ýanyma.*
*Ýeñil barmaklary düýş ýaly titräp,*
*Ukuly gözlerme galtaşdy welin,*
*Göreçlerim ýalpa açyldy peträp,*
*Eýmenen bürgüdiñ gözleri kimin.*
*Eli gulaklarma galtaşyp birden,*
*Doldurdy owazdan, galmagallardan.*
*Eşitdim asmanyñ galpyldysyny,*
*Perişdeleñ ganatlarnyñ sesini,*
*Jandarlaryñ sesin deñziñ düýbünden,*
*Habar aldym ot-çöpleriñ üýnünden…»*
*(Şygryñ terjimesi Atamyrat Atabaýewiñki).*

**Asyl nusgasynda:**

«Духовной жаждою томим,
В пустыне мрачной я влачился, –
И шестикрылый серафим
На перепутье мне явился.
Перстами легкими как сон
Моих зениц коснулся он.

Отверзлись вещие зеницы,
Как у испуганной орлицы.
Моих ушей коснулся он, —
И их наполнил шум и звон:
И внял я неба содроганье,
И горний ангелов полет,
И гад морских подводный ход,
И дольней лозы прозябанье».

Ýaş şahyr Allanyň Ilçisiniň legendar durmuşyndan öz agtarýan durmuşyny tapanda we «Indi men ölmäge taýýar we häzir seniň öňüňde ant içýärin, eý Muhammet!» diýip gygyranda, ruhy tolgunma ýetjek derejesine ýetýär.
Diňe rus edebiýaty yslama we pygamberimiziň legendar durmuşyna duýulýan haýran galyjyklar bilen doly däldi.
Beýleki medeniýetleriň beýik şahsyýetleri-de Hezreti Pygamberimize (s.a.w) bolan çäksiz sylag-hormatlaryny beýan edipdiler.
Irlandiýaly Bernard Şou, nemes şahyry Gýote, ispan ýazyjysy Serwantes hem şolaryň diňe käbirleri.
Emma Russiýada Puşkiniň ýolundan ýörän Dostoýewskiden Lermontowa çenli uzaýan kerwen bularyň iň ulusy, iň düýplüsi we iň möhümidi.
Lermontow yslamy eserler okamagy we yslam hakda ýazmagy ömrüniň soňuna çenli goýmady.
Azatlygy Resulallanyň ömrüni yzarlamakdan, ruhy ynjalygy diňe «Pygamber» şygryny ýazandan soň tapandygyny aýtdy.
Ol «Pygamber» şygrynda şeýle diýýär:

*«Hudaý maňa bagş edeli bäri*
*Pygamberiň öňdengörüjiligini,*
*Jan etdim söýgini wagyz etmäge,*
*Hem-de hakykatyň päk taglymlarny».*

**Asyl nusgasynda:**

«С тех пор как Вечный Судия
Мне дал всеведенье пророка…

Провозглашать я стал любви
И правды чистые ученья…»

Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Anna, 28.04.2023 ý. Edebi makalalar